# «He» harpy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«He» harpy «HE» HARPY



Wysaly dilber etsem, ne ola reja güstah,
Eder hemişe umydy, kerem geda güstah.
Hyýaly şowk lebi ile bu juýy eşkimden,
Ol serwi kamata akmakda majara güstah.

Bolup o Ýusuby gülçihräniň hyrydary,
Nagty jan-u dilim boldy, ki kembaha güstah.

Merizi pyrgaty jangähi bolaly dilzar,
Ol hazegi dil-u jandan dilär dowa güstah.

Sowal ederseň eger haly pür melalyndan,
Wesim biedep eýlär saňa dogaýy güstah.

*Reja güstah – arsyz, edepsiz umyt.*
*Majara – gowga, söweş.*
*Gülçihre – ýüz, ýaňak, keşp.*
*Merizi pyrgat – aýralykdan kesellän.*
*Jangäh bolmak – kösenmek, dert çekmek.*
*Hazeg – ökde; tejribeli.*
*Dowa – derman, em.*
*Haly pür melal –hal-ýagdaýy gussadan dolan.* Goşgular